# Dumly-duşumyzy ot aldy!

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dumly-duşumyzy ot aldy! DUMLY-DUŞUMYZY OT ALDY!



Hadysalaryñ özi dillenip ugrady, hem «pyşyrdap», hem «gohlap» duýduryş berýär. Sebitimiz ot alyp tutaşýar. Ot çaltlyk bilen Türkiýäniñ üstüne gelýär…
Ysraýylyñ gözi ýer görenok. Arkasyna ABŞ-nyñ, Angliýanyñ, Germaniýanyñ, Fransiýanyñ maliýe, kapital, tehnologiýa, harby, kontrrazwedka, diplomatiýa güýjüni geçirip, sebitiñ zalymy Ysraýyl boldy.
Ýaraşmak islänok, oñuşmagyñ nämedigini bilenok. Ody beter gorjaýar.
Güýjüne bäs gelip bilmeýär. Bir wagtyñ özünde biri-birinden ýüzlerçe kilometr uzaklykda ýerleşen polatdan galkanlar bilen goralýan iki gaçybatalgadaky desgany birden bombalap bildi. Biri Beýrutda, beýlekisi Tähranda – biri «Hizbullahyñ» ýolbaşçysy Nasrallahyñ harby geñeşçisi Fuad Şüküri, beýlekisi «Hamasyñ» syýasy ýolbaşçysy Ismail Haniýäni nyşanalap, meýilleşdirip, bir urgy bilen bir günde öldürip bildi.
* * *

Nädip oňardy muny?
Eýranyň howpsuzlyk gulluklary uklap galdymy, näme etdi?
Sebit ýurtlarynyň goranyş sistemalary, raýat we harby kontrrazwedka gulluklary eli-aýagy baglanan ýaly bolup galdy.
Ýa howada ýangyjyny doldurmagy başaryp, araçäkden aşyp geldi we Tährandaky binany urdy ýa-da Eýranyň içine terakty amala aşyrmak üçin içalylaryny sokup, maglumat beeip biljek birilerini tapdy we olardan ýardam aldy.
Eýrany gursagyndan çüýledi.
Ýogsam bolmasa, mundan üç ýyl öň Eýranyň Howpsuzlyk gullugynyň öňki başlygy Ali Ýunusi ***«Ysraýyl Eýrana şeýle bir düýpden aralaşdy welin, ähli ygtyýarlylar janlaryndan el üzme gorkusy bilen ýaşamaly»*** diýipdi.
Ysraýylyň Içerki kontrrazwedka gullugynyň direktory Ronen Bar hem *«Katar, Türkiýe, Liwan bolsun, tapawudy ýok, sebitiň islendik ýerinde «Hamasyň» ýolbaşçylaryny näçe ýyla çekse-de, öldürmegimizi dowam etdireris»* diýip, haýbat atypdy.
Ysraýyl aýdyşy ýalam edýär.
ABŞ-dan, Angliýadan, Germaniýadan sanskiýa almady. Ýazgaranam bolmady.
Arkasynda amerikan Jon akgasy, iňlis Toni akgasy, nemes Gans akgasy bar. Ysraýylyň Baş Prokuraturasynda özüniň we maşhalasynyň garşysyna «Para bermekde, galplyga ýüz urmakda, premýer-ministrlik wezipesinden hyýanatçylykly peýdalanmakda» aýyplanyp derňew işi açylan Netanýahuny ABŞ-nyň Kongresiniň agzalary Gazada çaga-çugadan, aýal-ebtatdan, raýatlardan öldüren adamlarynyň sany 50 müňe ýeten güni ör turup, el çarpyşmalar bilen garşyladylar.

* * *

Gazada heçen ýylyň 7-nji oktýabrynda başlan uruş şu ýylyň 31-nji iýulynda «Hamas»-Ysraýyl garpyşygy» bolmakdan çykyp, «Ysraýyl-Eýran söweşine» öwrüldi. Başlangyjyna çenli gitseg-ä, eýýäm 100 ýylyny tamamlap gelýän Arap-Ýehudy boguşmasy indi Ysraýyl-Eýran urşy boldy. Üýtgeşmeleri ýakyndan synlaýan alymlaryň, diplomatlaryň, geljegi çaklamaga ukyply

hünärmenleriñ anyk aýtmagyna görä, «Uruş bir tarapy Ysraýyl, beýleki tarapy Eýran we Türkiýe bolan regional garpyşyga» öwrülmäge

vidalandı.

* * *

Tähranda «Hamas» lideriniñ öldürilmeginsen soñ Ysraýyl «Haniýäniñ ölümi dünýäni hasam gözelleşdirer. Indi hyýaly ýaraşyk şertnamalary bolmaz!» diýip, gyjyt beriji içýakgyç sözlerden doly beýanat berdi.
Kime gyjyt berýär? Eýranamy? Türkiýämi? Ýa ikisine-de birdenmi?
Ysraýyl Eyran ýa-da Türkiýe bilen uruşa girse, ABŞ, Angliýa, Germaniýa Ysraýylyñ tarapynda durjakdygyny aç-açan aýdýarlar. ABŞ bilen iñlis we nemes hökümetleri Ysraýylyñ Gazada 40 müñ adamy öldürmegini bolaýmaly zat ýaly görýärler. Türkiýäniñ ganybir gardaşy Azerbaýjana çenli Ysraýyl bilen hyzmatdaşlygyny dowam etdirýär.
Türkiýe 100 ýyl öñ sebitde we dünýäde «ýurtda we jahanda parahatçylyk» içre ýaşamak we goñşulary Eýran, Siriýa, Yrak, Gresiýa, Bolgariýa, Russiýa we beýleki serhetdeş ýurtlary bilen «dostlugy artdyryp, duşmançylygy azaldýan» ugry saýlap alypdy.
Sebitde ýangyn turdy. Köräp-köräp üstümize gelýär.

Nejati DOGRU.

«SÖZCÜ» gazeti, 02.08.2024 ý. Publisistika